# HORMATLY WATANDAŞLAR!

Watanymyzyň röwşen geljegini Bagtyýarlyk döwrümiziň bagtly çagalygy bilen baglanyşdyrýan Hormatly Prezidentimiziň ynsansöýüjilikli başlangyçlary giň gerimde durmuşa geçýär. Her bir dünýä inýän çaga hakda döwlet aladasyny duýmak zamanamyzyň her bir maşgalasynyň şatlygyna şatlyk, buýsanjyna buýsanç goşýar. Çaga dünýä inende birwagtlaýyn kömek pulunyň we çaga üç ýaşyna ýetýänçä kömek pulunyň tölenilmegi-de bagtly çagalyk hakda aladanyň mysalydyr.

Döwletimiziň Siz hakda, Siziň nowça çagajyklaryňyz hakda edýän aladalaryny öz wagtynda durmuşa geçirmek maksady bilen, dünýä inen çagajyklaryň her birine birwagtlaýyn berilýän döwlet kömek puluny we olaryň üç ýaşy dolýança tölenilýän çaga seretmek boýunça döwlet kömek puluny resmileşdirmek üçin ýaşaýan ýeriňizdäki etrap, şäher pensiýa gaznasynyň bölümine aşakdaky resminamalaryňyz bilen ýüz tutmagyňyzy haýyş edýäris!

enäniň pasporty we onuň göçürmesi;

çaganyň dogluş hakyndaky şahadatnamasy we onuň göçürmesi;

ýaşaýan ýerinden güwänama (№3 görnüş);

bank plastik kartyňyzyň maglumatlary.

Döwlet kömek pullarynyň resmileşdirilmegi bilen baglanyşykly soraglaryňyz bilen hepdäniň iş günleri islendik wagt ýaşaýan ýeriňizdäki etrap, şäher pensiýa gaznasynyň bölümine ýüz tutup bilersiňiz!